# Sazly hal

Category: Kitapcy,Oýlanmalar,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sazly hal SAZLY HAL

Çala ýagty, çala garaňky otagda ÿekeözüň oturansyň, adamdan jyda, älemden jyda. Ýalňyzlyk duýgusy, birden däl, assa-ýuwaş üstüňi basyberýändir. Gözleriňi ÿumarsyň, oýlanarsyň, oýlanarsyň, ÿazyp biljek sözleriň hakda, çyzyp biljek keşpleriň, çyrşap biljek boýalaryň hakda, dostlaryň hakda, gün-gün bulanyp barýan jahan, peselip barÿan ynsanlar hakda oýlanarsyň. Ÿöne oýlar başa barmaz, olar çaşgyndyr. Oylaryň öçügsi nurjagazlary ýekän-ýekän öçüp başlar, iň soňkujasy öçensoň, ýalňyzlyk oýlaryňam üstüni basyberer.
Töwerek dyman, oýlaryň dyman, gözleriň dyman, … ümsümlik, gorkunç ümsümlik seni gurşap alandyr. Elleriň duýdansyz laptopa barar, «başgalar gorkudan hudaý çagyrsa, sen saz çagyrýansyň!”. Saz gerek, saz gerek, ýogsadagy bu ýagdaý, belli däl ne göre eltjek!?
Dutaryň sesi, ne mylaÿym Ses. Mukam başlanýandyr ýumşaklyk bilen. Sen sekide oturan ÿeriňde arkan gaÿdyp, körpenjäňe ýaplanarsyň. Goşarlaryň süýrdepäňde biri-birine çatylýarlar. Gözleriňi açmazdan saz akymyna çumup gidensiň. Oýlar dolanar. Saz – türkmeniň sazi. Ol ony duýmaýanlara bir düşnüksiz sesdir, a duýýanlar üçin her bir mukamy hiç bir halkyň sazyna deňäp bolmajak, Bahyñ, Bethoweniñ, Mosartyň, … simfoniýalaryna Barabar gelýän, ägirt hem gaýtalanmajak owazdyr. Saýrap dur mukam, çümýänsiň deňizine, şelpelenýän tolkunjyklar aram-aram kükregiňe ýetýändir. Bogýar, bogmaýar.
“Birözüm diňlemäýin” diýip, el telefonuňa ÿapyşýansyň, birine jaň etmeli!? Kime?… Kimiň bar, kim bilen diňleşesiň gelýär bu sazy? Doganmy, dostmy? Soraman jaň edip biljek, Jana-janyň barmy?… Ýok,
Telefony ýerinde goýan badyňa, ýüregiň bir künjünde bir zat üýtgeýändir. Bir salym doňan ýaly bolýansyň. Soň içiňde lowlap duran Ýangyny duýýarsyň. Her dem güýjürgäp barýan yssy

gözleriňi ýaryp, gözýaşa meňzeşräk bir zada öwrülip, ýaňagyndan syrygyp başlaýandyr.
Çala ýagty, çala garaňky otagda sen, saz, teniňe temen dürtüp bilýän boşluk. Gam-gussadan däl, düşnüksiz bir zatdan çygjaryp duran gözleriňi Ýene açarsyň. Sazyň çuňundan ýüzüne çykarsyň. Sazyñ jadyly owazy göwnüňi oýarmagy başarýandyr. Köňül tansyndan barmaklar Janlanyp, galam herekete düşer, ilki howada gaýsa, indi ak kagyza çyrşap başlaýandyr.
Bar zat hereketde, asman, zemin, sen, galam, otag, tümlük, nur, saz, ümsümlik. Hereketi saçyňda, teniňde, janyňda hem ruhuňda şemallanşyny duýýarsyň. Bu hal manylaryň ýitýän ýagdaýy, abstrakt ýagdaý. Türkmen mukamlarynyň abstraktlgy ýaly sözlerem, şygyrlaram, çekilýän resimler, boýalýan kartýnalaram.. bar zat bu ýerde abstrakt. Olarda çigit ýaly çiglik ýok. Olar oýdan, manydan, gülküden, agydan,, bu dünýä hem o dünýeden aşyp geçen gözellik, tükeniksiz duýgy. Olar söýgi, gutarnyksyz äpet söýgi.

28-05-2023. Ybrahym B. Oýlanmalar